«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň rektory
__________P.Baýramdurdyýew

«17» ýanwar 2026ý.

**2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi mynasybetli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Şan-şöhraty dünýä dolan bedewler» atly ahalteke bedewlerini wideoşekiller arkaly wasp etmek boýunça geçiriljek döredijilik bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň göwün buýsanjyna öwrülen behişdi bedewlerimiziň şan şöhraty bu gün dünýä ýüzüne ýaň salýar. «Atdyr ýigidiň ganaty», «At ýaryşda, är söweşde», «At - ýigidiň ýoldaşy», «Irden tur-da ataňy gör, atańdan soň - atyňy» diýilýän nakyllardyr pähimli sözler hem biziň halkymyzyň gadymy döwürlerden bäri bedewe goýýan uly hormat-sarpasynyň nyşany bolup durýar. Ajaýyp ahalteke bedewleri halkymyzyň müňýyllyklaryň içinden geçirip, häzirki günlerimize ýetiren gaýtalanmajak sungat eseridir. Ata-babalarymyzyň döreden maddy gymmatlyklarynyň naýbaşylarynyň biri hasaplanýan türkmen bedewleri behişde mynasyp görülýän, gyzdan gylykly, gözelligiň nusgasydyr. Dünýäde gözelligiň nyşany hökmünde haýsydyr bir gözelligi kabul etmeli bolsa, ol, megerem, ajaýyp ahalteke bedewimiz bolardy. Türkmen halkynyň milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Ahalteke bedewiniň şanyna aýdylýan taryply sözler hem geçmişiň bize galdyran mirasydyr. Çünki bedewlerimiziň ylahydan berlen gudratdygyny duýanyňda, olary wasp edip, kalbyň joşýar, gursagyň guwançdan dolup, ýüregiň barha batly gürsüldeýär» diýip belleýär.

Dünýäde ykrar edilen ahalteke atlarynyň we atçylyk sungatynyň bu günki gündäki ýeten belent derejesi, ilkinji nobatda, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew

batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi hem muňa aýdyň subutnamadyr.

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi mynasybetli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Şan-şöhraty dünýä dolan bedewler» atly ahalteke bedewlerini wideoşekiller arkaly wasp etmek boýunça döredijilik bäsleşigini geçirýär.

## I.BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi mynasybetli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Şan-şöhraty dünýä dolan bedewler» atly ahalteke bedewlerini wideoşekiller arkaly wasp etmek boýunça geçirilýän döredijilik bäsleşiginiň esasy maksady:

- ýaşlarda döredijilik ukyp-başarnygyny we bilim derejesini ýokarlandyrmakdan;
- talyp ýaşlarda çeper-döredijilik ukyplaryny, aň-düşünjelerini, estetiki duýgularyny ösdürmekden;
- talyp ýaşlaryň häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryny ýerlikli we peýdaly ulanmaklyga itergi bermek;
- ahalteke bedewlerimiziň gözelligini wideo şekiller arkaly açyp görkezmekden ybaratdyr.

## II. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIRILIŞI

1. Bäsleşige ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan sany 3-den köp bolmadyk talyp gatnaşyp biler;
2. Her talyp bäsleşige 1 sany wideoşekil hödürläp biler;
3. Wide şekiller ahalteke bedewleriniň taryhy, gelip çykyşy, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň gazanan üstünlikleri, ýurdumyzyň binagärlik keşbinde bedewleriň orny, ajaýyp gözelligi esasynda şekillendirilen bolmaly;
4. Wideoşekilleriň bezeg işlerine aýratyn üns berilmeli;
5. Wideoşekilleriň görkezijilik hili pes bolmaly däl;
6. Bäsleşige hödürlenýän wideoşekilleriň dowamlylygy 5 minutdan köp bolmadyk şekilde kabul edilýär;
7. Bäsleşige hödürlenýän wideoşekiller öň teleýaýlymda we internet sahypalarynda ulanylmadyk bolmaly;
8. Bäsleşige hödürlenýän wideoşekilleri 2026-njy ýylyň fewral aýynyň 26-na çenli disk göterijide Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Magtymguly adyndaky ilkinji Ýaşlar guramasyna iberilmeli;
9. Bäsleşigiň eminler topary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň wekilleri tarapyndan düzüler;

10. Bäsleşige degişli goşmaça soraglary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Magtymguly adyndaky ilkinji Ýaşlar guramasyna ýüz tutup öwrenip bilersiňiz. (Habarlaşmak üçin +99364520212)

## III. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşigiň jemleri baradaky maglumat Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň ihba.edu.tm saýtynda ýerleşdiriler;
2. Bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňijilere degişlilikde I, II, III orunlar beriler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan diplomlar gowşurylar.